# Şertnama

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şertnama ŞERTNAMA

*«Parahatçylyk hakynda iñ gadymy şertnama biziñ eramyzdan öñ 1269-njy ýylda ýazylypdyr. Ony hettleriñ patyşasy we Müsüriñ faraony öz aralarynda baglaşypdyr. Onuñ tekstini daşyñ ýüzüne oýup ýazypdyrlar.»*
**(Gazetden)**.

Uýat ýerin ýaprak bilen basyryp,
Müsür faraony daş ýonýar indi.
Garamaty, howsalasy asyryñ,
Onuñ mis deý bedeninde göründi.

Tüýlek döşlerinden
Damyp duran der,
Elipbiýdi daşýazmanyñ üstüne.
Taýyn ol. Perhat deý daglara gider,
Çykylmasa il-gününiñ kastyna.

Kakylmasa indi uruş depregi,
Juda kyn günlere – hasrata taýyn.
Halas ediñ, bu mysapyr topragy,
Göze çenäp ýaýyn,
Çekmesin haýyn.

Ol ýene daş ýonýar, owurtlap çaýyn,
Ine, soñlap barýar, iñ soñky harpy.
Ilat, pursatlaryñ geçdigi saýyn
Ýowuz uruşlarda bolupdy ýarpy.

Her hal umyt bilen bakýardy daña…
Azala-azala galan halaýyk…
Hoş habar deý, taýýar boldy şertnama,
Indi ölüm, sütem

Sürermi şalyk?!

Taýpa aýak çekdi, togtadyldy jeň,
Şer iş togtalandy, uzaga çeken.
Tygda däl, hoş sözde ýüregi gozgap,
Ynsan bir-birine düşünýär eken.

Hoş päl,
Ylalaşyk,
Ýaraşyk – başyn
Dik tutsa, toprakda
Ynjalar däne…
…Soñra öýlerine dargady goşun,
Sowan naýzalaryñ atyp gerdene…

Italmaz HUDAÝBERDIÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1986. Goşgular